Lebap welaýatynyň Halaç etrabynyň Halaç geňeşliginiň Azady obasynyň çäginde, Türkmenabat-Kerki awtomobil ýolunyň ugrunda gurluşyk harytlary öndürilýän sehi, şol sanda kömekçi jaýlary we söwda dükanlaryny gurmaklygyň

# BIZNES MEÝILNAMASY

Buýrujy:

Telekeçi –

Türkmenabat ş. – 2021ý.

Lebap welaýatynyň Halaç etrabynyň Halaç geňeşliginiň Azady obasynyň çäginde, Türkmenabat-Kerki awtomobil ýolunyň ugrunda gurluşyk harytlary öndürilýän sehi, şol sanda kömekçi jaýlary we söwda dükanlaryny gurmaklygyň

# BIZNES MEÝILNAMASY

## Esasy görkezijiler we taslamanyň tehniki – ykdysady esaslandyrmasy

1. Gurluşyk harytlary öndürilýän sehi, şol sanda kömekçi jaýlary we söwda dükanlaryny gurmak üçin etrabyň oba hojalygynda peýdalanylmaýan ýerlerinde berlen ýer böleginiň umumy meýdany – 0.5ga (5 000.0m2);
2. 1-ýylda önümçilik sehlerinde öndüriljek gurluşyk harytlarynyň (betondan, sementden dürli görnüşli we dürli hilli gurluşyk harytlary – plitalar, ýol-ýoda plitkalary, germew haýatlary, metaldan dürli ölçegli metal germew haýatlary, dürli görnüşli hek önümleri-hek, mel, gips, gipsokarton, gipsobeton plita-paneller, bezeg-dekoratiw önümler we ş.m.) umumy möçberi, tonna hasabynda – 600.0 tn.;
3. Iş orun sany (umumy işgär sany) – 30 adam;
4. 1-ýylda önümçilik sehlerinde öndüriljek gurluşyk harytlaryny häzirki döwürde hereket edýän bazar nyrhlarynda ýerlemekden we söwda dükanlarynda amala aşyryljak söwda-haryt dolanyşygyndan emele geljek umumy girdejiniň möçberi – 2 700 000.0 manat;
5. Meýilnama boýunça gurluşygy göz öňünde tutulan önümçilik sehiniň, kömekçi jaýlaryň we söwda dükanlarynyň gurluşyk işleriniň doly tamamlanyp, ulanylmaga tabşyrylmaly möhleti – 3 ýyl;
6. Meýilnamanyň umumy gurluşyk bahasy, ýagny, gurluşyk harytlary öndürilýän önümçilik sehiniň, şol sanda kömekçi jaýlaryň we söwda dükanlarynyň gurluşyk-gurnama işleri üçin zerur boljak esasy çykdajylaryň (gurluşyk meýdançasynyň çägindäki önümçilik sehiniň, şol sanda kömekçi jaýlaryň we söwda dükanlarynyň gurluşyk – gurnama işleri, içki inžener ulgamlarynyň çykdajylary, gurluşyk üçin harç boljak gurluşyk we inert materiallary, ähli işgärleriň aýlyk zähmet haklary, enjam – gurallaryň çykdajylary, awtoulag hyzmatlary we beýleki çykdajylar) ähli bilelikde hasaba alnanlygynda – 550 000.0manat;

Şol sanda:

6.1. Gurluşyk meýdançasynyň ýer-tekizleme we meýilnamalaşdyryş işlerini geçirmek, onuň gurluşyk – gurnama işleri, harç boljak esasy gurluşyk materiallary, awtoulag çykdajylary bilen bilelikde – 350 000.0manat;
6.2. işgärleriň zähmet haklary – 90 000.0 manat;
6.3. gurnaljak ýa-da ornaşdyryljak enjam-gurallaryň, tehnikalaryň umumy çykdajylary – 110 000.0 manat;
Jemi: – 550 000.0 manat;
7. 1 ýylyň dowamynda garaşylýan umumy çykdajylar:
7.1. Esasy çig mal bolup durýan demir-metal elementleri, gips-heki, sement we beýleki goşundy inert materiallary bilen üpjünçilik, şol sanda, awtoulag hyzmatlary – 1 700 000.0 manat;
7.2. Işgärleriň zähmet hak mukdary – 360 000.0 manat;
7.3. Inženerçilik ulgamlary bilen baglylykdaky gaýry çykdajylar (enjam – gurallary bejermek işleri, gaz, suw, lagym, elektrik, ýylylyk we ýangyç üpjünçiligi) – 110 000.0 manat;
7.4. Göz öňünde tutulmadyk beýleki gaýry çykdajylar – 30 000.0 manat;
Jemi: – 2 200 000.0 manat;
8. 1 ýylyň dowamynda garaşylýan umumy girdejiler:
8.1. öndüriljek her 1.0 tonna demir ýa-da beton önümleriniň bazar nyrhlaryndaky ortaça satuw bahasy 2 000.0 manat bolanlygynda: 600.0tn. x 2 000manat = 1 200 000.0 – 1 200 000.0 manat;
8.2. 1-ýylda söwda dükanlarynda amala aşyryljak azyk, senagat, hojalyk pudaklary boýunça amala aşyryljak söwda – satuw haryt dolanyşygynyň umumy möçberi – 1 500 000.0manat;
Jemi: – 2 700 000.0 manat;
9. 1 ýylyň dowamynda garaşylýan arassa peýda:
9.1. Umumy girdejiler – 2 700 000.0 manat;
9.2. Umumy çykdajylar – 2 200 000.0 manat;
9.3. Jemi, arassa peýdanyň möçberi: – 500 000.0 manat;

<u>Meýilnama boýunça hasaplanylan tehniki – ykdysady esaslandyrmalar esasynda emele geljek jemi arassa peýdanyň möçberi: 500 000.0 (bäş ýüz müň) manat;</u>

Lebap welaýatynyň Halaç etrabynyň Halaç geňeşliginiň Azady obasynyň çäginde, Türkmenabat-Kerki awtomobil ýolunyň ugrunda gurluşyk harytlary öndürilýän sehi, şol sanda kömekçi jaýlary we söwda dükanlaryny gurmaklygyň TYE (tehniki – ykdysady esaslandyrma) hasaplamalary

| t/b | Görkezijiler | | Meýilleşdirilýär |
|---|---|---|---|
| 1 | Buýrujy | | Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesi |
| 2 | Gurulmaly ýa-da durky täzelenmeli kärhananyň ady | | gurluşyk harytlary öndürilýän seh, kömekçi jaýlary we söwda dükanlary |
| 3 | Täze gurulmaly ýa-da durky täzelenmeli | | Täze gurulmaly |
| 4 | Guruljak ýeri | | Halaç etrabynyň çäginde |
| 5 | Guruljak möhleti, | (ýyl) | 3 ýyl |
| 6 | Gurluşygyň umumy bahasy | (mln. manat) | 0.550 |
| 7 | Maliýeleşdirilen çeşmesi: şol sanda, | | Hususy serişde |
| 8 | Pudagyň öz hususy serişdesi | (mln.manat) | 0.550 |
| 9 | Karz serişdeler | (mln. manat) | - |
| 10 | Hasaplaşyk möhleti, | (ýyl) | - |
| 11 | Iş ýer sany | (adam) | 30 adam |
| 12 | Kärhananyň çig mal bilen üpjünçiligi, | (%) | 100% |
| 13 | Ýerli çig mal bilen üpjünçiligi, | (%) | 100% |
| 14 | Daşary ýurtdan alynjak çig mal üpjünçiligi, | (%) | - |
| 15 | Önümiň ölçeg birligi | | tn. |
| 16 | Ýyllyk kuwwatlylygy | | 600.0tn. gurluşyk harytlary we 1.5mln. manatlyk söwda dolanyşygy |
| 17 | Içerki bazarda önüme bildirilýän isleg | | Ýokary |
| 18 | Önümiň ýerlenjek bazary we möçberi | | Türkmenistan, 600.0tn. gurluşyk harytlary we 1.5mln. manatlyk söwda |
| 19 | Ýerli bazarda | (%) | 100.0 |
| 20 | Dünýä bazarda | (%) | 100.0 |
| 21 | Öndüriljek önümiň birliginiň bahasy | (manat) | 2000.0manat/1.0tn. gurluşyk önümi |
| 22 | Içerki bazarda häzirki wagtda hereket edýän bahasy | (manat) | 2000.0manat/1.0tn. gurluşyk önümi |
| 23 | Türkmenistanda öndürilýäni | (%) | 100.0 |
| 24 | Daşary ýurtdan getirilýäni | | - |
| 25 | Içerki bazar üçin öndüriljek önüm boýunça meýilleşdirilýän baha | (manat) | 2000.0manat/1.0tn. gurluşyk önümi |
| 26 | Eksport üçin öndüriljek önüm boýunça meýilleşdirilýän baha | (ABŞ dollary) | - |
| 27 | Eksport üçin öndüriljek önüm boýunça meýilleşdirilýän baha | (manat) | - |
| 28 | Öndüriljek önüm birliginiň özüne duşýän gymmaty | (manat) | - |
| 29 | Öndüriljek önümiň umumy bahasy | (mln. manat) | 2.700 |
| 30 | Içerki bazarda | (mln. manat) | 2.700 |
| 31 | Eksport | (mln. manat) | - |
| 32 | Öndüriljek önüm birliginiň özüne duşýän gymmaty – jemi | (mln. manat) | 2.200 |
| 33 | Içerki bazarda | (mln. manat) | 2.200 |
| 34 | Eksport | (mln. manat) | - |
| 35 | Önümi ýerleşdirmekden garaşylýan peýdanyň möçberi | (mln. manat) | 0.500 |
| 36 | Içerki bazarda | (mln. manat) | 0.500 |
| 37 | Eksport | (mln. manat) | - |